# Gadyr gijesi haçan bolýar we ol gijäni nähili geçirmeli?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

On bir aýyñ soltany hem soñuna ýakynlaşdy. Bu aýyñ içinde iñ möhüm soñky on güni başlaýar. Bu on günüñ içinde özüñi ybadata berip igtikafa girilýär we has köp ybadat etmäge çalyşylýar. Bu on günüñ içinde Kuran-Kerimiñ indirlip başlan gijesi, müñ aýdan haýyrly we ol gije perişdeleriñ inýän gijesi bolan gadyr gijesi bar. Bu makalamyzda gadyr gijesiniñ näçinçi gijediginiñ üstünde durup we ol gijäni nähili geçirmelidigini musulman doganlarymyza, uýalarymyza ýatlatmagy niýet etdik.

Uly alym Şeýh Ibn Jibrinden (rahimehullah) gadyr gijesi näçinji gije, bir gijeden başga gijä geçýärmi we onuñ (soñky on günüñ içinde) gizlenmeginiñ hikmeti näme? diýip, soralanda.

Şeýh Ibn Jibrin şeýle jogap berýär:

Bu gijäni belli etmek barada alymlar ihtiläf etdiler. Hadysçy Ibn Hajer (rahimehullah), Fethul-Bäri atly kitabynyñ Oraza bölüminiñ soñunda gadyr gijesiniñ wagtyny belli etmek barada alymlaryñ kyrk alty garaýyşyny ýatlap geçdi we şeýle diýdi: “Bu garaýyşlaryñ içinde iñ köp kabul edilýäni, soñky on günüñ täk gijelerinde bolmagy we her ýyl bir gijeden başga gijä geçmegidir/ üýtgemegidir. Soñky on günüñ täk gijelerinde bolmagy umyt edilýär. Ymam Şafigiýe (rahimehullah) görä 21-nji ýa-da 23-nji gijesinde bolmagy umyt edilýär. Jumhura (ýagny alymlaryñ köplügine) görä ýigrimi ýedinji gijesi bolmagy umyt edilýär. Alymlar (gadyr gijesiniñ soñky on günüñ içinde gizlenmeginiñ hikmeti barada şeýle) diýdiler: Gadyr gijesiniñ (soñky on günüñ içinde) gizlenmeginiñ sebäbi ynsanlar ol gijä gabat geljek bolup, köp ybadat etmekleri üçindir. Eger gadyr gije anyk belli edilen bolsady, ynsanlar diñe ol gije ybadat ederlerdi.”[1]

Görüşimiz ýaly gadym alymlardan, hadysçy Ibn Hajer el-Askalani alymlaryñ içinde bütin barlag we derñewlerden soñra iñ köp kabul edilýän garaşýyşyñ, gadyr gijesiniñ Ramazan aýynyñ soñky on gününiñ täk gijelerinde bolup, her ýyl bir gijeden başga gije üýtgeýändigini aýtdy.

Onda şeýle sorag sorap bileris: Näme üçin her ýyl wagty üýtgäp durýan bolsa, kalendarlarda her ýyl diñe 27-nji gijesi görkezilýär? Bunyñ asly barmy? Ýa-da ýokarda alymlaryñ köplüginiñ kabul eden garaýyşy ýagny 27-gijesi bolmagy umyt edilýänligi üçin anyk görkezilýärmikä?

Bu soraglara ýeterlik jogaby Şeýh Ibn Useýmin (rahimehullah) berýär. Çünki oña şeýle sorag berilýär:

Sorag: Käbir musulmanlar Ramazan aýynyñ 27-nji gijesini gadyr gijesi diýip, atlandyrmagy adat edindiler? Bu (ýagny diñe 27-sini gadyr gijesi diýip) çäklendirmäñ, asly barmy? Bunyñ delili barmy?

Jogap: Hawa bu çäklendirmäñ asly bar. Sahyh Muslim (hadys kitabynda) Ubeý bin Kabdan (radiAllahu anh) rowaýat edilen hadysda, gelişi ýaly gadyr gijesiniñ 27-nji gijesinde bolmagyna garaşylýar. Emma alymlaryñ içinde bu barada gelen kyrka ýakyn garaýyşlaryñ içinde iñ köp kabul edilýän garaýyş: gadyr gijesiniñ soñky on gününde we hususanam soñky ýedi günüñ içinde bolup biljegidir. Bu 27-nji gijede bolup biler, 25-nji gijede bolup biler, 26-njy, 24-nji gijelerde bolup biler.

Şonuñ üçin hem bir kişiniñ bu gijäniñ faziletinden we sogabyndan mahrum galmazlygy üçin her gije amal etmelidir. Allah Tagala şeýle diýýär: **“Biz ony (Kurany) mübärek gijede indirdik....”** [2]

Ýenede Allah Tagala: **“Şübhesiz biz ony (Kurany) gadyr gijesinde indirdik. (Eý Muhammed sallallahu aleýhi we sellem), gadyr gijesiniñ nämedigini sen nirden bilersiñ? Gadyr gijesi müñ aýdan haýyrlydyr. Ol gijede buýruklar we Robleriniñ izni bilen perişdeler we Ruh (Jebrayl) ýere inerler. Ol gije dañ atýança aman-esenlikdir.”**[3] diýýär.[4]

Başga bir soragda Şeýh Ibn Useýminden şeýle soraýarlar:

Sorag: Käbir adamlar (diñe belli bir gijäni) gadyr gijesi diýip, niýet edip ol gijäni namaz we ybadat bilen geçirýärler we Ramazan aýynyñ başga gijelerinde ybadaty terk edýärler. Beýle etmek dogrumy?

Jogap: Ýok, beýle etmek dogry däl. Çünki (gadyr) gije üýtgäp biler. Bu barada gelen ençeme hadysyñ habar berişi ýaly bu gije 27-nji gijede bolup biler, başga bir gijede bolup biler. Pygamberimizden Sahyh Buharide (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle hadys rowaýat edilýär: **"Bir ýyl maña gadyr gijesi görkezildi. Ol gije 21-nji gijesidi."**

Şonuñ üçin bir kişiniñ gadyr gije bolup biler diýip, garaşylýan belli bir güni gadyr diýip belläp we diñe ol gijäni ihýa etmegi dogry däldir. Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine iñ laýygy, Ramazanyñ soñky on gününi ihýa etmäge çalyşmakdyr..[5]

Görüşimiz ýaly gadyr gijesini Ramazan aýynyñ soñky on gününiñ täk gijelerinde gözlemeli. Soñky on günüñ gijelerinde gadyryñ gizlenmeginiñ hikmeti bolsa, ynsanlaryñ ol gijä gabat geljek bolup, köp ybadat etmekleri üçindir. Eger gadyr gije anyk belli edilen bolsady, ynsanlar diñe ol gije ybadat ederlerdi we başga gijelerde ybadaty taşlarlardy.

Gadyr gijesini nähili geçirmeli?

Alymlaryñ guramsyna şeýle sorag berildi:

Sorag: Gadyr gijesini nähili geçirmeli? Namaz ýa-da Kuran okamalymy? Ýa-da Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ömür beýanyny okap, wagyz we ögüt-ündeg etmelimi? Mesjitde gutlamalymy?

Jogap:

1-Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Ramazanyñ soñky on gününde başga gijelerine garanyñda has köpräk namaz kylmaga, Kuran okamaga we köp doga-dileg etmäge çalyşardy. Buhari we Muslimiñ Aýşe enemizden (radiAllahu anha) rowaýat eden hadysynda: **"Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Ramazanyñ soñky on güni başlanda gijelerini ihýa ederdi** (ýagny namaz, ybadat, zikir, doga-dileg bilen geçirerdi)**, maşgalasyny hem turuzardy we has köp** (amal) **etmäge çalyşardy."** Ahmed we Muslimiñ rowaýatyna görä: **"Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) soñky on günde, galan günlere garanyñda has köp (amal) ederdi."**

2-Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ynsanlara ynanyp we sogabyny Allah Tagaladan garaşyp, gadyr gijesini tagat-ybadat, doga-dileg, zikir bilen geçirmegi ündärdi. Ebu Hureýreden (radiAllahu anh) rowaýat edilen hadysda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

"**Kim iman edip we sogabyny Allahdan garaşyp gadyr gijesini ihýa etse,** (ýagny zikir, doga-dileg, ybadat bilen geçirse)**, Allah onuñ geçmiş günälerini bagyşlar.**" (Ibn Mäje we başgalar) Bu hadys gadyr gijesini ihýa etmekligine delildir.

3-Gadyr gijesinde edilýän doga-dilegleriñ iñ üstüni Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem, Aýşe enemize (radiAllahu anha) öwreden dogasydyr. Tirmiziniñ rowaýat eden sahyh hadysynda Aýşa enemiz şeýle diýdi: Men: Eý Allahyñ Resuly! Eger bir gijäniñ gadyr gijesidigini bilsem, nähili doga-dileg edeýin, diýdim? Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: **"Allahumme inneke afuwwun, tuhibbul awfe fa'afu anniý: Allahym sen bagyşlaýyjysyñ, bagyşlamagy söýersiñ, meni bagyşla"** diýip doga et!

4-Ramazan aýynyñ belli bir gijesine anyk gadyr gije diýmek üçin delil gerekdir. Emma soñky on günüñ täk gijeleri, başga gijelerinden has köpräk gadyr gijesi bolmaga mynasypdyr. 27-nji gijesi bolsa, gadyr gijesi bolmagyna has laýykdyr (ýagny gadyr gijesi bolmagy ähtimaldyr ). Çünki muña yşarat eden hadyslar bardyr.

5-Bu gijede edilýän bidgatlar barada aýtsak, bular ne gadyr gijesinde ne-de başga gijelerde etmek jaiz däldir. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bidgatlar barada şeýle diýýär: **"Kim biziñ dinimizde bidgat çykarsa, ol inkär ediler."** Başga rowaýatda: **"Kim biziñ buýurmadyk (öwretmedik) amalymyzy etse, ol inkär-red ediler."**

Ramazan aýynyñ käbir gijelerinde edilýän (üýşmeleñleriñ) gutlamalaryñ dinde aslynyñ bardygyny bilmeýäris. Iñ dogry ýol Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýoludyr. Işleriñ iñ ýamany soñradan tapylan bidgatlardyr.[6]

Bu gijede edilýän bidgatlar we ýalñyşlyklar her ýurtda dürli-dürlidir. Biziñ halkymyzyñ içinde gadyr gijesi barada köp duşulýan ýalñyş ynanjyñ biri: Bu gijede Hydyryñ (aleýhis salam) bir garry adam sypatynda gelýändigine ynanmakdyr. Bunyñ dinimizde asly ýokdur. Allah Tagala bize gadyr gijesinde perişdeleriñ we Ruhyñ (Jebraylyñ) gelýändigini we bu gijäñ alamatlaryny habar berendir.

Başga bir ýalñyşlyk bolsa, bu gije diñe ýatman, ukysyz galmak bilen ýa-da iýmek-içmek, kino görmek, dereksiz gep-gürrüñ bilen geçirilýändigidir. Bu zatlaryñ hemmesi ýalñyş bolup, gadyr gijesiniñ gadyryny bilmezlikdir. Ýokarda-da belleýişimiz ýaly gadyr gijesinde edilmeli zatlar bellidir. Bu gijäniñ 83-ýyldan haýyrlydygy, Kuran-Kerimde habar berildi. Eger günümizde köp kişileriñ 70-ýaşa ýetmän ölýänlerini göz öñünde tutsak, bu möhlet bir ynsanyñ ömründenem köpräk wagt bolar. Hatda seksen üç ýyl ýaşañda-da ol ýyllaryñ hemmesini ybadat bilen geçirmek gaty kyn işdir. Emma Allah Tagalanyñ bu ymmata beren nymgaty gadyr gijesinde ediljek ybadatlar, esse -esse sogaplydyr! Elbetde akylly bir musulmanyñ bu gijäni dereksiz iş bilen geçirmegi mümkin däldir.

Möhüm bellik:

1-Täk gijeleri Hijri kalendaryna görä belli edilýändir.

2-Mysal üçin hepdäniñ bazar güni Ramazan aýynyñ ýigrim altysy bolsa, birinji günem ýigrimi ýedisi bolsa, gadyr diýip ihýä edilýän gije bazar gününden birinji güne geçýän gijedir.

Allah Tagaladan ählimize gadyr gijä gabat gelip, doga-dileglerimiz kabul etmegini dileýäris. Ähli musulman ymmatyny husasanam biziñ watanymyzy we halkymyzy öz penasynda gorap we gollap saklamgyny dileýäris. Ämin!

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Ibn Jibrin, Fetawa es-Siýam, sahypa 118-119.

2-Duhan 44/ 3.

3-Kadr 97/1-5.

4-Fetawa libni Useýmin, Kitabu'd-Dawe, 1/204-205.

5-Ibn Useýmin, Fykhu'l-Ybadat, sahypa 207.

6-Fetawa el-Lejnetud-Daimetu li'l-Buhusi'l-Ilmiýýeti we'l-Ifta, Fetwa No: 2392.